2024-2025-nji okuw ýyly üçin Hytaý Halk Respublikasynyň ýokary okuw mekdeplerine ýokary hünär bilim (bakalawr) maksatnamasy boýunça seçip alyş işi geçirilýär:

Hytaý Halk Respublikasynyň Sinszýan-Uýgur awtonom sebitiniň ýokary okuw mekdeplerine umumy orta, orta hünär bilimli, ýaşy 25-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlarynyň resminamalary kabul edilýär. Resminamalaryň 2024-nji ýylyň 29-njy maýyndan 7-nji iýunyna çenli Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde kabul edilýändigini ýatladýarys.

Hünärleriň sanawy, Hytaý Halk Respublikasynyň Sinszýan-Uýgur awtonom sebitiniň ýokary okuw mekdeplerine ýokary hünär bilim maksatnamalary boýunça okuwa kabul ediljekleriň sany, şeýle hem okuwyň şertleri baradaky maglumatlary kabul ediş toparyndan alyp bolar.

Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:

Türkmenistanyň raýaty üçin bellenen nusgadaky arza we sowalnama;

soňky okuw ýa-da iş ýerinden (harby bölümden) häsiýetnama;

3×4 sm ölçegde on iki sany surat;

Hytaý Halk Respublikasynyň ýokary okuw mekdepleri üçin bellenen nusga boýunça sowalnama;

hemişelik ýaşaýan ýerini tassyklaýan kepilnama (göçürmesi we tassyklanan terjimesi);

Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmek we gelmek üçin pasportynyň ilkinji iki sahypasynyň nusgasy (pasportyň möhleti isleg bildirilýän okuw maksatnamasy başlanandan soň azyndan 6 aý hereket etmelidir);

şahsy pasportynyň nusgasy;

raýatyň adynyň üýtgedilendigini tassyklaýan (zerur bolsa) resminama (göçürmesi we tassyklanan terjimesi);

SAT (Scholastic Aptitude Test), TOEFL (Test of English as a Foreign Language) we IELTS (International English Language Testing System) hem-de HSK (Chinese Proficiency Test) akademiki bahalandyryş synaglarynyň birinden üstünlikli geçendigini tassyklaýan şahadatnamanyň ýa-da ýurduň ygtyýarly edaralary tarapyndan berlen iňlis dili boýunça Upper Intermediate we ondan ýokary okuw şahadatnamanyň asyl nusgasy (göçürmesi we

Все права защищены

tassyklanan terjimesi). Akademiki bahalandyryş synaglarynyň birinden üstünlikli geçendigini tassyklaýan şahadatnamasy bolan dalaşgärler artykmaçlykdan peýdalanýarlar;

ýokary hünär bilim edaralaryna kabul edilende artykmaçlyklardan peýdalanýan mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijisidigini, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşandygyny tassyklaýan degişli resminamanyň we ýurduň ygtyýarly edaralary tarapyndan berlen okuw şahadatnamalarynyň asyl nusgasy (bar bolan ýagdaýynda) we resminamalaryň göçürmesi we tassyklanan terjimesi;

umumy orta bilim, orta hünär ýa-da ýokary hünär bilimi baradaky resminamanyň asyl nusgasy (göçürmesi we tassyklanan terjimesi). Eger dalaşgär orta mekdebiň gutardyş synpynda okaýan bolsa şahsy jiltiniň (okuwa ýetişiginiň bahalary bilen bilelikde) tassyklanan göçürmesi.

Bilim hakyndaky resminama daşary ýurt döwletinde berlen bolsa onuň Türkmenistanda ykrar edilendigi baradaky şahadatnamasy hem goşulýar;

diplomyň goşundysynyň asyl nusgasy (hasap-synag sanawnamasyndan göçürme, transkript hem-de onuň göçürmesi we tassyklanan terjimesi);

hytaý dili boýunça dil taýýarlygy okuwyny tamamlandygyny ýa-da hytaý dilini öwrenendigini tassyklaýan şahadatnama (bar bolsa);

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenen nusgadaky saglyk güwänamasy (Türkmenistanyň çäginden daşardaky ýokary okuw mekdeplerine okuwa girmäge dalaş edýän raýatlaryň saglyk güwänamasy);

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde kabul ediş toparyna aşakdakylary görkezýärler:

Türkmenistanyň raýatynyň pasportyny hem-de Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmek we gelmek üçin pasportyny;

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny (şahadatnamanyň nusgasy we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwä haty tabşyrylýar).

Resminamalaryň terjimeleri iňlis dilinde bolmalydyr.

Resminamalary kabul ediş topary zerur bolan halatynda dalaşgärden goşmaça maglumatlary

Все права защищены

sorap biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

Kabul edilen resminamalaryň netijeleri boýunça ýokary görkezijilere eýe bolan dalaşgärler bilen 2024-nji ýylyň 14-15-nji iýunynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde seçip alyş işi boýunça söhbetdeşlik geçirilýär.

Söhbetdeşlik umumybilim berýän derslerden geçirilýär.

Resminamalaryň we sowalnamalaryň nusgalaryny uniwersitetiň www.tdu.edu.tm internet salgysyndan hem almak bolar.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň salgysy: Aşgabat ş., Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 31, tel.: (+993 12) 94-69-90, 94-54-29; e-mail: tdu@online.tm

Все права защищены